# Gorkunç gülkünçlikler / hekaýalar toplumy — Adamhor sataşsa…☺

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gorkunç gülkünçlikler / hekaýalar toplumy — Adamhor sataşsa…☺
…Kireý ulagynyň gijeki sürüjisi, sargyt edilen salgyda saklandy…
Öten gijes-ä daňa çen ülpetleri bilen top oýnunyň jemleýji tapgyryna tomaşa edip ýatman, gündizem aýalyny toýdan-toýa, üýşmekden-üýşmege gatnadyp, ymyzganmaga maý tapman, indem argynlykdyr-ukusyzlykdan ýaňa gözi gamaşyp dur…
Köpgatly jaýyň çetki girelgesiniň agzynda duran iki gelniň altynsaçlysy, ulagyň öň aýnasyna çala egildi-de, sorady:
-Taksimi? Bizemi?!
Ýadawlygy zerarly keýpsiz sürüji, egnini gysdy:
-Garaşyp duran bolsaňyz sizedir-le, keýgim! Maňa-ha dispetçer şu salgyny berdi.
-Dogan, yzky goşhanaňy açaý-da! Goşumyzy ýükläýeli!
Sürüji sesini çykarman, goşhanaň gapagyny açýan düwmä basdy.
Beýigi-beýik, pesi-pes bolup, gaýym şapylaşyp duran gyrmyzy köýnek içinde, elin ýumurtga bakylýan mes baýtal kibi buldurap duran gelinleriň ýanynda kaýsy ýüküň ne jany bar?!
Her haýsy, gabarasy çuwala barabar sebetleriň birini, bir dartanda örküni ýerden üzäkge, goşhana atmakçy boldular.
Altynsaç gelniň sebedi gütläp goşhana düşdi.
Akýüz, giňmaňlaý gelin güýjüne bäs gelip bilmedimi nämemi, sebet has beterräk ýokary galdy-da, goşhanaň gapagyna degip, ýere gaçdy. Gaçanda-da köne syrmasy sökülip, agzy ikiýan serpildi.
Şol pille, ulagynyň gapdal aýnasyndan ýaltalyk bilen gelinleri synlaýan sürüji, sebediň içinden çogup çykan zatlary ümezläp duran gözleri bilen görmäge ýetişdi.

Dessine-de heýýaty başyndan uçdy.
Şar-gara saçly, bir-iki sany kelle, gan galman, akjaryp giden el-aýaklar…
Şunuň ýaly ýerlerde, ynsanlaryň aglaba köpüsiniň aňyna mahsuslykda sürüji bendäniňem beýnisi örän çalt, göz açyp-ýumasy salymdanam tiz, bir wagtyň özünde birnäçe işi etmäge ýetişdi.
Ilki bilen-ä, sebediň agzyndan görünýän adam bedeniniň böleklerinden gan akmaýandygyny belledi.
Soňra, bu ýagdaý barada ýeke-täk dogry çaklamany öňe sürdi-de, örän çalt netije çykardy…
Megerem, ol bendeleri mazaly dograp, sebede gapgarmankalar, olaryň barça ganyny oňatja sarkyrandyrlar…
Sebede çyrşalmaz ýaly…
Ýa-da ýere damyp, aýyplaryny açmazlygy üçin…
Ýa-da ikisi üçinem birden…
Şol sebäplem, adam teniniň ol parçalaryndan nem syzýan däldir…
Soňra, öz-özüne howpurgamaly sowal bilen ýüzlendi.
Eý Hudaý, bular kimkä?!
Bada-badam özüniň gorkunç soragyna, iň eýmenç jogaby özi tapdy.
Adamhorlar!…
Öz tapan jogabyndan özi elheder alybam, durkuny dolduran wehimden ýaňa on iki süňňi bilen gagşap başlady.
Dessine-de şu ýaşyna çenli bir ýerde elhençlikler barada nähili kino gören bolsa, näme okan bolsa, näme eşiden bolsa, ählisi birden göz öňünde, edil hakyky durmuşdaky deýin dupba-dury görnüşde janlandy.
Eý Allam! Olar bi bendeleri parçalan bolsalar, men pahyry dagy näderler?!
Eňegine diýen etdirip bilmän, äňi-äňine ýetmän şakyrdap ugran, görgüli, gorkudan ýaňa tasdanam huşundan gidýärdi.
Göýä, şeýle edeni bilen, ap-arkaýyn öz işlerine gümra bolan bolup duran adamhor gelinlerden gizlenip-goranyp biläýjek ýaly, ol assyrynlyk bilen kürsüsinden aşaklygyna syrylmaga başlady.
Içindenem ýetişibildiginden Hak Perwerdigäre ýalbaryp ugrady.

Hak Tagalam, men ejiz-günähli bendäňi, şu iki aýbygadym belalardan halas etseň, galan ömrüme kireý edip kişiň hakynam iýmejekdigime, müşderilerim bilen hiç kesiň gybatynam etmejekdigime, diňe bäş wagt namazym-täretim bilen bolup, ömürbaky halal ýaşajakdygyma, janym-tenim, durkum-duýrmegim, kalbym-ýüregim bilen äht edýärin! Jan Allam, men pakyryňy adam iýijilere hörek edip, tigirlenipjik barýan durmuşymyň gap bilinden omurmaweri! Öýümdäki gözi ýolda galan çülpejiklerimiň hatyrasyna men günägaby guluňa rehim-şepagat eýle, jan Ýaradan! Men gutaran gybatçy, mugtiýen nekgende bilen deň bolma, Hak Biribar!

Öz-ä aýagaldygyna mynajat edýär.

Bir gözi bilen sagada garabam, beýnisinde belleýär: “Ýarygije bolupdyr! Tüýs şular ýaly mahluk-melgunlaryň awa-şikara çykýan wagty şumat!”.

Beýleki gözi bilenem, göýä, adaty bir iş edýän dek, äwmän-alňasaman sebetden seçelenen gara kelledir, el-aýaklary yzyna dykalaşdyran bolup duran, gelinsypat adamhorlaryň her bir hereketini sypdyrman synlaýar.

Howsala düşmekden ýaňa kelebiniň ujuny ýitiren beýnisiniň azda-kände oýlanmak ukybyny saklap galanja bölegi bilenem öz-özüne gyjalat bermäge-de ýetişýär.

Häý, seniň bir!

Toprak depäňe, zaňňar!

Ýeri, aňyrdan bäriligine sowlanyňda garaklaryň dagy gapyldymy diýsene?!

Nä, olaryň girelgäniň agzyndaky ölügsi çyranyň alagaraňky ýagtysyna üsti-başlarynyň, lukma edilen bendeleriň gyzyl ganyna boýalandygyny görmediňmi diýsene?!

Gaýta, öz ýanyňdan: “Bäh, bü baýtal gelinler-ä meňzeş gyrmyzy geýnip, bijaý ýaman gelişdiripderler-aý!” diýen bolup, iki erniňden hyllygyňam akdyran bolduň-a!

Ol, ikisiniňem ellerindäki ýiti tyga dönüp, somalyşyp duran, pidalarynyň ganyna boýalan jim-gyzyl dyrnaklaryny dagy diýsene…

“Bäh, ötürtmeleriniň uzyndygyn-aý!” diýip, üns bermedik bolduň ahyry!

Şol pille-de gelinler, sebetlerini ýükläp boldular-da, olaryň altynsaçy:
-Daýy!-diýdi-de, sürüji bendä tarap gaýtdy.
Öňem jany gyl üstündäki bendäniň demi bogazyna tegek boldy.
Ol aljyrap, hasyr-husur ulagynyň işiklerini temmeleýän düwmäni sermeläp ugrady.
Tapmady.
Muňa hasam bolmajysy boldy.
Ol çym-gyzyl allajy bolsa oňa garşy ýetip gelýär.
Çyranyň ýagtysyna gözleri dagam köz deýin gyzaryp, lowurdaýar.
Megerem, öz ýanyndan: “Ýene-de bir ýaglyja lukma, elinjek öz aýajygy bilen üstümize geldi” diýip, begenip ýalmanýandyr, bu mahluk, bu mahal!
…Bary-ýogy ikije ädim galdy.
Ýetdigem gutarýar.
Bogazyňdan aňňal kibi saňňaryp duran dyrnakly çaňňalyny urar-da, janyň alar…
Soňam olaryň gazanynda gaýnajak huruşlyga öwrülersiň…
Sürüji bende, oslagsyz başyndan inen bu aýylganççlyga mundan artyk döz gelip bilmedi.
Ala-hasyrdy bolup, ulagyň gapysyny serpdi-de, ulili bilen “wägirip” ökjäni göterdi:
-W-ä-ä! Wa-a-aý, ej-ä-ä! Iýmäň-ow men-i-i! Men süýji dä bolmaly-y! Öýdäkem maňa: “Çişigem bolsaň, etiň ajy!” diýýä-ä-ä!!!…
Ussahanany göçürmek üçin günüň dowamynda eýläk-beýläk gatnap, halys sütünleri süýnen tikinçi gelinler, sesinde baryny edip bagyryp, gaçyp barýan dolmuş sürüjiniň yzyndan haýrany-serasyma bolup, agyzlaryny öweldişip, seredişip galdylar… Hekaýalar